# Şeýh Şamiliñ sözlerinden

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şeýh Şamiliñ sözlerinden

Kawkaz daglarynyñ Bürgüdi ŞEÝH ŞAMILIÑ SÖZLERINDEN

◆ Soñuny pikirlenen gahryman bolup bilmez.

◆ Aýdyñ ol Rus patyşasyna! Tabynlygymdaky bu gahryman ýigitlerimiñ kalbyndaky kök uran ýeñişiñ imany kökünden gazylyp zyñylmasa, ýedi ýaşdan ýetmiş ýaşa çenli esgerlerimiñ iñ soñky oky galýança iñ soñky demine çenli bu mübärek watany iñ soñky dagyna, obasyna we bir garyş topragyna çenli goramakdan hiç bir güýç meni saklap bilmez. Munuñ üçin tutuş maşgalamy, çagalarymy gylyçdan geçirseñizem, iñ soñky müridimi ýok etseñizem ýalñyz başyma ýene-de ölýänçäm siziñ bilen söweşerin. Iñ soñky aýtjak sözüm budur!…

◆ Ýoldaşyñy bagyşla, bagyşlanyñy ýatlama we ýatlatma..

◆ Ýok bolsun masgaraçylykly baknalyk! Ýaşasyn şan-şöhratly we abraýly ölüm!

◆ Watanymyzy basyp almaga gelenlere garşy baş galdyranlaryñ ezilen başlary meniñ üçin ybadata meşgul takwalaryñ dik başlaryndan gowudyr.

◆ Eý Allanyñ gullary! Eý meniñ bu watanymyñ daglarynyñ bezegi bolan goçaklarym! Bu watan Siziñkidir, ebedilik hem Siziñki bolup galar…

◆ Patyşalar ölüp gider… Emma Kawkaz şübhesiz azat ediler we erkana ýaşar. Alla adalat we watan üçin göreşenleri öz penasynda aman saklasyn…

◆ Ölüme söýgüliñize gujak açan deý gujak açyñ. Watan üçin janyny bermäge, şehit bolmaga taýýar adamy boýun egdirmäge

çalyşmak örän biderek we gülkünçdir…

◆ Duşmana garşy diri pişik ölen ýolbarsdan oňatdyr.

◆ Watanyň azatlygy we garaşsyzlygy ugrunda merdanalyk we göreşmek gerekdir.

◆ Azatlygymyz zulum-sütemiň we zalymlaryň döken ganlary arkaly gazanylýandyr.

◆ Bizden nesillerimize galjak iň beýik miras: Azatlyk üçin göreşmek, Hak ugrunda jan bermekdir. Nesillerimiz erkinlik we garaşsyzlyk ugrunda alynyp barylan göreşleriň guýrugy däl-de başy bolmalydyr.

◆ Göreşimiz patyşalaryň, onuň ruhanylarynyň, basybalyjylaryň, garakçylaryň halkymyzyň elinden alan haklaryny yzyna gaýdyp alýança dowam eder…

◆ Men musulman, her bir musulman özüni bakna etmek isleýän basybalyjylara garşy göreşmäge borçludyr.

◆ Patyşalary beýik görenleriň Allatagala şirk goşanlardan tapawudy ýokdur.

◆ Eý halkym! Siz Allatagalanyň öňünde edýän günäleriňiz ummasyz köp.. Siz dini öldürýärsiňiz. Namazlaryňyz we orazalaryňyz peýdasyzdyr. Edýän ybadatlaryňyzy Oňa takwasyrap görünmek arzuwyndan başga hiç zat däldir. Elbetde, namaz okaň, oraza tutuň, emma unutmaň iň beýik ybadat Watanyň azatlygy üçin göreşmekdir. Basybalyjylar topraklarymyzy depeleýärler, men size halas bolmagyň ýeke-täk ýolunyň watany goramakdygyny aýtjak bolýaryn. Basybalyjylara ölüm!

◆ Mundan beýläk basybalyjylara rehim-şepagat etmek ýok, olary ýok etmeli. Bütin Kawkazyň derýalary, kölleri basybalyjylaryň ganlary bilen boýalan wagtynda Siz hem doly azat bolarsyňyz.

◆ Watan üçin jan alyň, jan beriň.

◆ Kawkazlylar! Birnäçe ýyllap döş gerip eden göreşlerimiziñ aýgytlaýjy pursady gelip ýetendir. Elimizden geljek bir iş bar, olam duşman bilen başydik we gorkysyz-ürküsiz söweşmekdir. Bugüne çenli söweşmek abraý we watanyñ öñündäki borç bolup geldi  Emma bugün ol borç hemmämiz üçin parza öwrüldi. Kawkazyñ azatlygy üçin iñ soñky oky galýança, iñ soñky demine çenli göreşmedik kapyrdyr. Ikiýüzliligiñ we dönükligiñ jezasy ölümdir.

◆ Bir ýolbaşça eýermek üçin ondan artykmaçlyk gözlemäñ. Onuñ diñe Hakyñ we adalatyñ ýolunda ýöreýändigini görmek ýeterlikdir.

◆ Göwündäki öýke-kinäni çykarmak beýik daglary iññe bilen gazmakdanam agyrdyr.

◆ Eý Dagystanyñ we Çeçenistanyñ halklary! Meni üns berip diñläñ…
Men Sizi pul ýa-da bähbit üçin bu söweşlere itermedim. Bu Allanyñ emridir.
Ýurdumyzy azat etmek baş ideýamyzdyr. Bu emre ytagat ediñ. Hiç biriñiz gamasyny gynyna salmasyn. Şygarymyz "Ölýänçä göreşmekdir!"

Taýýarlan: Has TÜRKMEN.

Sözler